# Käbir galamdaşlaryma

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Käbir galamdaşlaryma KÄBIR GALAMDAŞLARYMA

Şeýle bir gysylýas,
Diýseñ gysganýas,
Biri-birimizden bu giñ meýdany.
Özgäni däl, diñe özmüzi bilýäs,
Görmäsimiz gelýär çyndan haýdany.

– Poeziýañ adamsy däl, ýedi ýat,
O bir azap çekmän, bilse kemligin.
Dymyp ýör-dä,
Jana girip edebiýat
Bular ýalylaryñ bogsa demligin.

– Tutmasañ-a, o tetelliñ adyny?
Gömükdir,
Ondan-a asyl zat çykmaz.
– Okañokmy, aldyryp ýör badyny,
Olam bu tümlügiñ çyrasyn ýakmaz.

Diýýäs-de, ýetirýäs elmizi ýaka,
Çykýas garşysyna dürli tarapdan.
Güýjeýär garşylyk, ah, soñabaka,
Sagdyn ýüreklerem gaçyrýas tapdan.

O senden galanok,
Senem bäş beter,
Paýlaşýan ýalysyñ uly harmany.
Menzil alyslarda. Oña kim ýeter,
Diñe setirleriñ sanalýar sany…

Hawa,
Hawa ýakynlanok ara, daş,
Barha artýar uly-uly gepleýän.

Dilimizde hemmejämiz añrybaş,
Ýokdur aramyzda göwni pesleýän.

Baryn bilmesemem,
Bir zady bilýän,
Näme, näme, şu boluş-a bolanok.
Ýaman ýerem – ýazýan goşgularymyzy
Özümizden başga okaýan-a ýok.

Gözel ŞAGULYÝEWA.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1987. Goşgular